# Bir oglanyň ölen kakasynyň başujunda aglaýşy hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir oglanyň ölen kakasynyň başujunda aglaýşy hakynda hekaýat
Bir oglanyň ölen kakasynyň başujynda aglaýşy hakynda hekaýat

Öldi bir oglanyň mährem kakasy,
Ýas tutýan ýigdekçäň naýynjar sesi.

Zaryn sesi açyk eşdilýärdi,
Eňreýşi hut ýürek-bagryň dilýärdi:

«Öýmüziň diregi kaka jan, seni
Häzir agaç ata mündürip, göni

Haýdap, äkiderler şeýle bir ýere,
Oňa baryp, zat tapmarsyň iýere.

Öýdäki bar zatlaň saňa haýry ýok,
Onda hatda düşenere boýra ýok.

Özem o ýer mydam garaňky hem dar,
Wah, kaka jan, nädip edersiň mydar?

Munda iýýän tagamlaryň birem ýok,
Teýli naharlaryň – ady-soram ýok.

Yşygy düşenok oňa seniň-de,
Penjire, gapam ýok barjak ýeriňde,

Geläýen mahaly bir zat diýesiň,
Hatda goňşularyň eşitmez sesiň.

Göwünem ýüwürtme başga zat hakda,
O ýerde içere suwam ýok hatda…»

Garyp Juhy şo golaýda ýaşaýan
Onuñ bu sözlerni eşitdi aýan.

Ylgap baryp kakasynyñ ýanyna,
Şeýle diýdi dowul düşüp janyna:

«Ol ölen bendäni… (gulak goý söze),
Getirjekler öýdýän biziñ öýmüze.

«Beýdesleri ýok-la…» seslendi garry,
«Şeýderler, ähli zat gelip dur dogry.

Oglunyñ bir-birden tutup atlaryn,
«O ýok, bu ýok» diýip, sanan zatlary

Hut biziñ öýmüziñ berýär salgyny,
Aýnada gören dek bilýän men muny». Goşgular